# Fransiýanyñ «Charlie Hebdo» žurnaly bütin dünýäde näletlendi

Category: Jemgyýetçilik tankydy,Kitapcy,Sözler
написано kitapcy | 26 января, 2025
Fransiýanyñ "Charlie Hebdo" žurnaly bütin dünýäde näletlendi
FRANSIÝANYÑ «CHARLIE HEBDO» ŽURNALY BÜTIN DÜNÝÄDE NÄLETLENDI




- **«Charlie Hebdo»: «Türkiýede ýer titredi. Tank ýollap oturmagyñ geregi ýok»**

Öñem telim gezek halklaryñ dini ynançlaryny ýañsylaýan masgaraçylykly karikaturalary bilen ünsi özüne çekip gelen çepçi-anarhist «Charlie Hebdo» satiriki žurnaly Türkiýede bolup geçen ýer titremesini karikatura geçirdi. Gürrüñi gidýän karikaturada žurnal müñlerçe adamyñ gurban bolan tebigy betbagtlygyny ýañsa aldy.
«Charlie Hebdo» müñlerçe adamyñ aradan çykan Kahramanmaraş ýer titremesiniñ karikaturasyny «Türkiýede ýer titredi. Tank ýollap oturmagyñ geregi ýok» ýazgysy bilen berdi. Hem Türkiýäniñ, hem dünýäniñ dürli ýurtlarynyñ sosial mediýa ulanyjylary žurnalyñ bu samsyklaç hereketini ýazgardy.




• **Birinji gezek şeýdenok**

«Charlie Hebdo» mundan öňem Italiýadaky ýer titremesini ýaňsylapdy. Žurnalyň 2016-njy ýylda Italiýada 294 adamyň gurban bolan ýer titremesinde-de çeken karikaturalary gazaply ýazgarylypdy.

«Feliz» lakamy bilen çekilen «Italiýa ýer titremesi» karikaturasynda şekillendirilen ýaralylar italýan wermişellerine meňzedilip, ýykylan jaýlaryň, keseklериň aşagynda galanlaryň meşhur italýan nahary gatlakly hamyrdan bişirilýän lazanýa meňzedilmegi halky gahar-gazaba mündüripdi. Karikaturanyň Italiýada ýazgarylmagyndan soň žurnal, gurban bolanlaryň ýakynlaryndan ötünç soraýjak ýalydy welin, gaýtam, olara ikinji karikatura bilen jogap beripdi. «Charlie Hebdo» gaharly italýanlara «Öýleriniňizi «Çarli Hebdo» däl, mafiýa gurdy» diýip seslenipdi. Birinji karikaturasy bilen perwaýsyzlykda aýyplanan «Charlie Hebdo» ikinji karikaturasy bilenem Italiýany mafiýadan we wermişelden ybarat ýurt hasaplap başlapdy.




Çekişmäniñ gitdigiçe ula ýazmagy Fransiýanyñ Italiýadaky ilçihanasyny bu boýunça beýanat bermäge mejbur etdi. Ilçihana «Çarli Hebdonyñ» karikaturasy Fransiýanyñ garaýşyny añladanok» diýdi.
Häzirki italýan gazetleriniñ köpüsinde «Çarli Hebdo» çekişmesi baş sahypada ýerini aldy. «Il Tempo» gazeti nägilelik döreden karikatura başga bir karikatura bilen jogap berdi. 2015-nji ýylda žurnalyñ redaksiýasyna edilen hüjümi şekillendirýän karikaturada «Pariž sousy» rubrikasy bilen «Gadyrly fransuzlar, şeýle karikatura sizi güldürip bilermidi?» diýildi.
«Il Giornale» gazeti-de «Biz «Charlie Hebdo» däl» rubrikasy bilen çykdy. Gazet «Ýumor hukugynyñ hemişe arkasynda durýas. Emma ölüleri ýañsylamak ylalaşyp bolmajak ýigrenjilikdir. Hem munuñ hiç hili gülkünç ýeri ýok» diýip ýazdy.




- **Satira däl, zibil!»**

«Forza Italia» partiýasynyň şol wagtky deputatlaryndan Barbara Saltamartini Twitter hasabyndan: *“Çarli Hebdonyň» karikaturasy ýer titremesinde gurban bolan ildeşlerimiziň degnasyna degýär we ynjydýar. Žurnal satiriki organ däl, ol barypýatan zir-zibil!»* diýip, çykyş etdi.




Yslam we hristian dinlerine garşy çeken skandal karikaturalary bilen tanalýan žurnal tolkunlaryň deňziň kenaryna getirip zyňan siriýaly neresse çagajyk Aýlan Kurdini hem ýaňsa alypdy.




Žurnalyň bu gezekki prowokasiýasyna Germaniýanyň «Team Todenhöfer» partiýasynyň başlygy, ýazyjy Ýurgen Todenhýofer hem nägileligini bildirip, Twitterden paýlaşan ýazgysynda «Adamlaryň gynanjyny ýaňsylamak nähili ýigrenji zat!» diýip yazdy.

Todenhýofer nemes dilinde ýazan ýazgysynyň soňuny iňlisçe **«Fuck you»**, yagny, **«S****n sizi»** diýip soňlady.



- **Abrar Sabbah žurnala gerekli jogabyny berdi**

Karikaturaçy Abrar Sabbah Fransiýa çap edilýän hepdelik satiriki žurnal «Charlie Hebdo»-nyň Türkiýäniň başdan geçiren ýer titreme heläkçiligi hakdaky çap eden karikaturasyny täzeden şekillendirdi.

Suratkeş Sabbah sosial mediýa hasabyndan goýberen wideoýazgysynda fransuz žurnalynyň Türkiýäniň başdan geçiren karikaturasyny täzeden şekillendirip, «»Heý, ahlaksyz «Charlie Hebdo»! Olar ýaly çekilmeýär. Ine, şeýle çekilýär! Biz ýaňadandan aýaga galarys. Bu güýçli millet ýaňadandan aýaga galar!» sözlerini paýlaşdy.

Çeken suratyny žurnalyň sosial mediýadaky hasabyna-da ýollan Sabbahyň karikaturasy az wagtyň içinde müňlerçe laýk toplady we internet ulanyjylary tarapyndan paýlaşyldy.



**• Žurnala ýene bir jogap Gresiýadan geldi**

«Charlie Hebdo» žurnalynyň karikaturasyna jogap edip, Gresiýanyň «Kathimerini» gazeti karikatura paýlaşdy. Gazetde çap edilen karikaturada ýykylan jaýlaryň üstünde asmandaky ýarymaýyň gözünden ýaş damýar.

# Internet maglumatlary esasynda taýýarlandy. Jemgyýetçilik tankydy